***MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI***
***2026/2027-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler***
***(hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary***
***(bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär:***

**I. Hünärmen maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Matematika we mehanika (hünär: **matematika).**
2. Fizika we astronomiýa (hünärler: **fizika; radiofizika we elektronika; astronomiýa)**.
3. Biologiýa ylymlary (hünär: **biologiýa**).
4. Himiýa (hünär: **himiýa**).
5. Ýeri öwreniş ylymlary (hünärler: **kartografiýa; meteorologiýa; ekologiýa**).
6. Psihologiýa ylymlary (hünär: **psihologiýa**).
7. Ylahyýet (hünär: **ylahyýet**).
8. Dil bilimi we edebiýaty öwreniş (hünär: **türkmen dili we edebiýaty)**
9. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi (hünär: **žurnalistika**).

**II. Hünärmen maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Matematika we mehanika (hünär: **amaly matematika we informatika**).
2. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (hünär: **maglumat ulgamlary we tehnologiýalary**).
3. Biologiýa ylymlary (hünär: **biologiýa**).
4. Himiýa (hünär: **himiýa**).
5. Ýeri öwreniş ylymlary (hünär: **geografiýa**).
6. Taryh we arheologiýa (hünärler: **taryh; arheologiýa**).
7. Filosofiýa, etika we dini öwreniş (hünär: **filosofiýa**).
8. Syýasy ylymlar we sebiti öwreniş (hünärler: **syýasaty öwreniş; Gündogary öwreniş**).
9. Dil bilimi we edebiýaty öwreniş (hünärler: **türkmen dili we edebiýaty; iňlis dili we edebiýaty; nemes dili we edebiýaty; fransuz dili we edebiýaty; italýan dili we edebiýaty; arap dili we edebiýaty; türk dili we edebiýaty; pars dili we edebiýaty; hytaý dili we edebiýaty, rus dili we edebiýaty**).
10. Hukuk işi (hünär: **hukuk öwreniş**).

**III. Bakalawr maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Sosiologiýa we durmuş işi (taýýarlygyň ugry: **durmuş işi**).

**IV. Bakalawr maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary (taýýarlygyň ugurlary: **pedagogika bilimi (matematika we informatika); pedagogika bilimi (informatika we bilimde maglumat tehnologiýalary); pedagogika bilimi (geografiýa we ykdysadyýetiň esaslary**).

Uniwersitete umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2026-njy ýylyň 13 — 26-njy iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

– bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

– bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

– bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

– Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

– soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

– 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

– işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

– okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

– pasportyny;

– harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat ş.) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat we Arkadag şäherleri — iýul aýynyň 29-30-y, 31-i we awgust aýynyň 1-i günleri;

Mary welaýaty — awgust aýynyň 2-3-i, 4-i we 5-i günleri;

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 6-sy, 7-si we 8-i günleri;

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 9-10-y, 11-i we 12-si günleri;

Ahal welaýaty — awgust aýynyň 13-14-i, 15-i we 16-sy günleri;

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 17-si, 18-i we 19-y günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär: hünärler: **matematika; amaly matematika we informatika; maglumat ulgamlary we tehnologiýalary;** taýýarlygyň ugurlary: **pedagogika bilimi (matematika we informatika); pedagogika bilimi (informatika we bilimde maglumat tehnologiýalary)** — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **fizika; radiofizika we elektronika; astronomiýa** — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **biologiýa** — biologiýa, himiýa, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **himiýa** — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **geografiýa; ekologiýa** — geografiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **kartografiýa; meteorologiýa;** taýýarlygyň ugry: **pedagogika bilimi (geografiýa we ykdysadyýetiň esaslary)** — geografiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **psihologiýa** — biologiýa, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **taryh; arheologiýa; Gündogary öwreniş; syýasaty öwreniş; filosofiýa; ylahyýet;** taýýarlygyň ugry: **durmuş işi** — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, jemgyýeti öwreniş;

hünärler: **türkmen dili we edebiýaty; žurnalistika** — türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş;

hünärler: **iňlis dili we edebiýaty; nemes dili we edebiýaty; fransuz dili we edebiýaty; arap dili we edebiýaty; türk dili we edebiýaty; pars dili we edebiýaty; hytaý dili we edebiýaty** — saýlap alan hünär dili boýunça ýa-da iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **italýan dili we edebiýaty** — iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **rus dili we edebiýaty** — rus dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **hukuk öwreniş** — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, jemgyýeti öwreniş.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil boýunça geçilýän derslerden başga ähli okuw dersleri boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan:**

- mugallymçylyk mekdebini tamamlan we mugallymçylyk ugrundan 2 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanlar **(mugallymçylyk ugurly hünärlere girilen halatynda);**
- **hukuk öwreniş hünärine** girýänler üçin hukuk goraýjy edaralarda 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi hem-de şol edaralaryň döwlet we welaýat derejesindäkilerinden hödürnamasy bolanlar;
- «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýänler peýdalanýarlar.

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 31,**
**tel.: 94-69-90, 94-54-29.**

**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**
**2026/2027-nji okuw ýyly üçin magistr maksatnamasy boýunça**
**taýýarlygyň «*Pedagogika bilimi (bilimiň pedagogikasy we psihologiýasy)*» *ugruna talyplyga kabul edýär:***

Uniwersitete ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2026-njy ýylyň 13 – 26-njy iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— ýokary bilim baradaky resminamanyň we goşundysynyň asyl nusgalary ýa-da tassyklanan göçürmeleri (daşary ýurt döwletinde berlen ýokary bilim hakyndaky resminama onuň Türkmenistanda ykrar edilendigi baradaky şahadatnamasy goşulýar);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi.
— okuwa girmeginiň maksadynyň beýany (500 sözden köp bolmaly däl);
— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlykdan peýdalanýan Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça geçirilen bäsleşigiň ýeňijileri hem-de ýokary okuw mekdebiniň Alymlar geňeşinden hödürnamalary bolanlar şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýär we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;
— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri) 2026-njy ýylyň 18-nji we 19-njy awgustynda geçirilýär.

Giriş synaglary **pedagogika we psihologiýa** boýunça ýokary bilimiň okuw maksatnamasy esasynda döwlet dilinde geçirilýär.

Bellenilen wagtda giriş synaglaryna esassyz sebäplere görä gelmediklere goşmaça mümkinçilik berilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça magistr maksatnamasyna **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** saýlan taýýarlygynyň ugry boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanlar peýdalanýarlar.

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 31, tel.: 94-69-90, 94-54-29.**